# Meñki ýalñyş, ol gyzyñky hem ýalñyşmy?..

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Meñki ýalñyş, ol gyzyñky hem ýalñyşmy?..

MEÑKI ÝALÑYŞ, OL GYZYÑKY HEM ÝALÑYŞMY.?

Bu waka 2000-njy ýyllaryñ gurruñi… Ondan bari ençeme ýyllar geçdi. Yone hazirlerem yadyma duşse, yaman erbet bolyan…
Ol gyzjagaz yetimdi. Ene-atasy yokdy gorguliniñ. Biziñ koçämizden añyrky koçede yaşayady. Men onuñ yeter-yetmezlikden kosenip ýa şoña meñzeş başga bir sebäpler bilen azyp tozup gidibermesin diyip oña artan süyşenjämi beryardim. Eşigi beryadim, iyjek-içjeginem. Işe-de salypdym, sowalga pulyny ozi gazansyn diyip. Ol gyz gozumiñ öñunde pajarlap gunça yaly açylyp peri kimin owadanlaşyp başlady. Adam pahyr çig suyt emen-dä. Yok yok men-ä çig süydem däl, malyş emip ulalan bolmaly. Yogsa bu samsyklygy etmezdim. Aýalymy hernäçe sulhum almasa-da, onuñ bilen aram naçe sowugam bolsa, sesini çykarman çagalarma seredip oyden girip çykyp yördi. Diñe şonuñ üçünem ayalyña seret-de, begenyaniñi bildirman daşyndan guwanda gez-de ýör-dä, nä gara görgiñ… Ynha, onsoñ boý yeten yetim gyz 4-5 ýylyñ içinde aý yaly owadan we boy gyz boldy. Ayalyma name bersem oña-da beryadim. Ayalymam muny bilyadi. Yetime kömek edyar diyp sesini-de çykaranokdy. Yone ol gyz birden ozgerip owadanlaşyp gozumin alnynda boy yeten gyz boldy welin, meniñem kalbymda hiç kime aytman yoren gownume düwenje niyetim bardy. Ol gyz yetim bolansoñ ony illäp günläp durmuşa çykarjak yokdy. Asla onyñ garyndaş dogany-da yokdy. Edil yer urup yerde galan diyilyanden. Şoñ üçünem ony wagty sagady gelende oz nikamdan geçirerin, soñam ozum hossarçylyk ederin diyen niyetim bardy. Muny onuñ ozune-de duydurypdym. Ol muña razylygyny baş atmak bilen bildiripdi. Men ony şeyle bir sylayardym welin, barmagyndan tutmaga-da çekinyardim. Aslynda men ony el

degirerden juda päk gyz hasaplayardym. Oña bolan hormatym juda çäksizdi. Bir maşgalany bozulyp gitmekden goramagyñ beryan badyhowalygy meni suyji gunlere hasam howeslendiryardi.
Bir gün ayalym oña nahar paýy berip goyberdi. Elim tabakly gyzyñ howlusyndan girip, jaýyñ açyk galan gapydan girenimem şoldy welin… Dünyäm depäme yumruldy… Otagyñ töründäki diwanda meniñ birnäçe ýyl bari eklap-saklap yoren perizadym ozi yaly deñ-duş oglanyñ gujagynda yarym-yalañaç bolup sypalaşyp otyrdy. Kinolarda-da beyle aýylganç sahna bolan daldirmikä diyyan. Elimdäki naharly tabagym elimden gaçyp ayagujyma dökülenini hem bilmän galypdyryn. Gyz müynirgemedem. Gaytam "pylan aga, gapyny kakyp giräymel-ä.." diyip özumi utandyrjak boldy.
Bu hekayaty okap siziñ baryñyz meni yazgararsyñyz, ony anyk bilyan. Yeri nämañe gerekdi, ozuñ gowy adam dal ekeniñ diyersiñiz, eden komegiñde hantamaçylyk bar eken diyersiñiz… Birine daşyndan bir zat diymek añsat. Emma meniñ yerimde bolup, birine eden şeyle komegiñe welin bular yaly gornuşde jogap gaytarmak welin… hiç kime-de rowa göruljek zat dälmikä diyýän. Binika bolar diyp barmagymy degirmage çekinip yoren gyzym bir bigäne bilen gundiziñ günortany sypalaşyp duranyna yer yarylmady, menem girmedim. Belki kabiriñiz gyz oz mynasyp oglanyny tapandyr, şoña-da barjak bolup halaşyp yorendir diyersiñiz? Ozuñ ondan 10-15 yaş uly, bolmanam oz deñini tapar-da diyersiñiz? Yok, beyle däl ekeni! Şol gunki goren mojuk wakam meniñ gozumi açdy. Sorap idäp derñäp başladym welin, onuñ sypalaşyp yoren oglany diñe şol däl ekeni… Eger ol meñ bilen egri otyryp dogry gurleşse, "Pylan aga, men pylan oglan bilen halaşyan, şoña barmaga komek et" diyse kalbymda beslap yoren arzuwyma hernaçe kyn duşse-de bowet basyp, onuñ oz bagtyny tapmagyna kömek ederdim-ä men. Birnäçe yyllap eden komegimden soñ ony iñ soñunda goldawsyz goymazlyk uçunem ederdim. Iñ bolmanda sogap uçin, Allanyñ hatyrasy ucin ederdim…
Şol dowurler Hajy Yazmämmedowyñ "Ýandym" diyen aydymy yaşlañ arasynda meşhurdy. Bu aydym edil meniñ omrume gara tagma bolup galan yalñyşlygyma duzulen aydym yalydy. Ol günden bari eyyam

20 ýyl bolup gelyar, ol aydym meniñ gimnim boldy…
Meñki ýalñyş, ony bilyan… Emma ol gyzyñky näme bolya? Ýöne bir yalñyş diýip oñaýmaly zatmy? Ýa-da… Belki siz aydarsyñyz?

(Adyny mälim etmek islemedik okyjymyz).

Jemgyýetçilik tankydy